# Intel ARC B580 we ARC B570 wideo kartoçkalaryny başlygynyň işden çykarylmagyndan bir gün soň yglan etdi

Iki model hem Xe2-HPG arhitekturasy esasynda gurlup, orta bahaly segment üçin niýetlenendir.

Uly model, ARC B580, 20 Xe2 ýadrosy we 456 GB/s geçirijilik ukyby bolan GDDR6 standartly 12 GB wideo ýady bilen enjamlaşdyrylandyr. Ol 2670 MHz ýygylykda işleýär we 190 W-a çenli energiýa sarp edýär.

Intel, kartoçkanyň 1440p çözgüdinde NVIDIA RTX 4060-dan 10% öňde durýandygyny, käbir oýunlarda, mysal üçin Cyberpunk 2077-de, onuň artykmaçlygynyň 30% -e ýetýändigini aýdýar. Maslahat berilýän baha $249, satuwlar 12-nji dekabrda başlar.

Kiçi model, ARC B570, 18 Xe2 ýadrosyny, 10 GB ýady we 2500 MHz ýygylygyny aldy. Onuň bahasy $219 bolar, satuwlar 16-njy ýanwarda başlar.

Все права защищены